# Detektiw tapmaçalar

Category: Detektiw proza,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Detektiw tapmaçalar DETEKTIW TAPMAÇALAR



Mälim bolşy ýaly, edebiýatyň we sungatyň detektiw žanry, köpler tarapyndan gyzyklanyp okalýan, tomaşa edilýän, islegli žanrlaryň biri. Onuň esasy özeninem nähilidir bir, çözmesi kyn, ýöne mümkin bolan tapmaça hem-de ony ýormagyň açary emele getirýär.
Şu aşakdaky 10 sany gysgajyk detektiw wakajyklaryň her biriniň mazmunynda-da özboluşly tapmaça we onuň jogabynyň (ýorumynyň)

pynhanja ýaňzytmasy (açary) bar.
Siz şo tapmaçany ýorup bilersiňizmi?
Siz ünsli okyjymy?
Synanyşyp görüň!
Belki başararsyňyz…:-)

## 1. Buzly çaý

Iki gyz günortanlyk edinýärdi. Ikisem naharyň ýany bilen buzly çaý sargyt etdiler.
Gyzlaň biri çaýyny örän çalt içdi we beýleki gyz bir bulgurça çaý içýänçä yzly-yzyna 5 bulgurçany boşatmaga ýetişdi.
Birje bulgurçany içen gyz şonuň yz ýany jan berdi, beýleki gyz bolsa diri galdy.
Derňewiň dowamynda bulgurçalaryň düýbündäki suwuklyklar boýunça seljerme geçirilip, suwuklyklaryň hemmesiniň zäherlenendigi anyklanypdyr.
Onda, jorasyndan has köp çaý içen gyz nädip diri galdyka?

## 2. Kasseta

Bir erkek kişi öz öýünde bir elinde kassetaly magnitofon, beýlekisinde sapançaly, jansyz ýagdaýda tapylypdyr. Haçan-da bu wakany derňemäge başlanlarynda, anyklaýjylar magnitofony işledýän düwmäni basypdyrlar.
Bada-badam kassetadaky ýazgydan merhumyň sesi eşidilip ugrapdyr we ol: “Maňa mundan beýläk ýaşamagyň manysy ýok. Men mundan artyk çydamok” diýipdir. Dessine-de ýazgydan ok atylýan ses gelipdir.
Emma, ýazgyny diňlän anyklaýjylar, bu erkek kişiniň öz janyna kast etmändigi, onuň bilkastdan öldürilendigi hakynda netije çykarypdyrlar.
Olar muny nädip çaklapdyrlar?

## 3. Baýyň jesedi

Bir erkek kişiniň jesedini ýekşenbe güni irden tapypdyrlar. Onuň aýaly polisiýa jaň edipdir. Soňra polisiýa işgärleri wakaň bolan ýerine gelip, merhumyň aýalyny we şol öýde başga-da kim bolsa, sorag edipdirler.

Wakaň bolan ýerindäki adamlar özleriniň bu wakada günäleriniň ýokdugyny beýan etmek üçin şu aşakdaky ýaly görkezme beripdirler:
Aýaly – özüniň waka bolan wagtynda uklap ýatandygyny aýdypdyr.
Öý hyzmatçysy – şol wagt ammarda goş-golamlary ýygnaşdyryp ýörendigini aýdypdyr.
Bagban – şol pursat gök önüm ýygmak bilen meşguldygyny habar beripdir.
Öýdeniçer gyz – şo müddet poçta hat-habar tabşyrmaga gidendigini düşündiripdir.
Aşpez – şo mahal aşhanada ertirlik taýynlamak bilen meşgul ekeni.
Şaýatlaryň görkezmelerini ünsli seljeren anyklaýjylar, bada-bat ganhory tutup saklapdyrlar.
Olar kimiň jenaýatçydygyny nädip anyklapdyr?

## 4. Holp-solp penjek

Frimont köçesinde jenaýat edilipdir. Esasy gümanlanýan hökmünde Şon Beýker atly erkek kişi tutulyp saklanypdyr.
Derňewiň dowamynda mälim bolşuna görä, jebir çeken erkek kişi ýoluň ugry bilen ýöräp gelýärkä, birdenkä onuň garnyndan atypdyrlar. Güman edilýän goňrumtyl saçly, mawy gözli we Armaniden holp-solpurak penjekli ekeni. Şon Beýkeriňem edil şonuň ýaly penjegi bar ekeni.
Anyklaýjylar güman edilýän Şon Beýkerden ähli wakany başdan-aýak gürrüň bermegi haýyş edipdirler.
Diýmek, onna,-diýip Şon Beýker gürrüň bermäge başlapdyr:-men seýilgähde gezmeläp ýörkäm, şü atylan erkek kişiniň köçeden geçip barýandygyny gördüm. Birdenkä onuň yzyndan bir ýigit peýda boldy-da, ony atyp goýberdi. Men bolsa gorkup, mükin boldugyndan bahymrak öýüme ylgap gaýtdym.
Anyklaýjylar ondan ganhoryň daş keşbini şekillendirmegi haýyş edipdirler.
-Onuň çypar murty, çypar saçy hem-de Armaniden holp-solpurak penjegi bardy-diýip Şon Beýker habar beripdir.
-Meniň çaklaýşyma görä, siz ýalan sözleýärsiňiz!-diýip

anyklaýjy tekrarlapdyr.
Ol güman edilýäniň ýalan sözleýändigini nädip kesgitläpdir?

## 5. Ulag, pyçak we aýaly

Äri aýalyny pyçak bilen ulagyň içinde öldüripdir. Waka bolan wagty olaryň ýanynda hiç kim ýok ekeni.
Ol aýalynyň jesedinde hiç hili yz, hatda barmak yzlarynam goýmandygyny doly barlap, ony ulagdan zyňypdyr. Soňra jenaýatyň ýaragy bolan pyçagynam, ony hiç kimiň tapmajak çuň gorpuna oklap, öýüne gaýdypdyr.
Bir sagatdan soň polisiýa işgärleri oňa jaň edip, onuň aýalynyň öldürilendigini aýdypdyrlar we ony jenaýatyň bolan ýerine çagyrypdyrlar.
Ol wakaň bolan ýerine gelen dessine-de, ony güman edilýän hökmünde tutup saklapdyrlar.
Äriniň ganhordygyny nädip anyklapdyrlar?

## 6. Teňňejik

Jeset köpgatly ýaşaýyş jaýynyň düýp gyrasynda tapylypdyr. Jesediň ýatyşyny seljerenlerinde, onuň öz janyna kast edip, ýokarky gatlaryň birinden aşak bökendigini çaklamaga esas tapypdyrlar.
Barlagy geçirýän anyklaýjy, jesediň tapylan tarapyndaky birinji gatda ýerleşýän öýüň otagyna giripdir.
Ol penjiräni açyp, kisesinden çykaran teňňejigini ýere oklapdyr.
Soňra ikinji gatdaky degişli otaga giribem şol hereketini gaýtalapdyr.
Şeýdibem ol ýaşaýyş jaýynyň ähli gatlaryna galyp, şol bir hereketini gaýtalap çykypdyr.
Bu synagyny tamamlandan soňam aşak düşüp, bu hadysanyň öz-özüňe kast etmek däl-de, ganhorlukdygyny aýdypdyr.
Ol näme üçin beýle netijä gelipdir?

## 7. Ýasdaky duşuşyk

Bir gyz erkek kişä sataşanda ejesiniň ýasynda ekeni.

Erkek kişi onuň göwnüne ýarandygy sebäpli, ol onuň bilen tanyşmaga razy bolupdyr. Onuň bilen birsellem gezmeläpdirler Haçan-da erkek kişi ol ýerden gidip, esli wagtdan soň gyz, onuň adynam, telefon belgisinem bilmeýändigini ýadyna salypdyr.
Gyz ony tapmak isläpdir. Emma ol bu ugurdan näçe tagalla etse-de onuň islegi başa barmandyr.
Şol wakadan bir hepde geçenden soň gyz, şol erkek kişini tapmak maksady bilen özüniň uly agasyny öldüripdir.
Näme üçin?

## 8. Öý eýesi

Baý erkek kişiň ýeke özi kiçeňräk kottejde ýaşaýan ekeni. Ol bölekleýin maýypdygy sebäpli, oňa ýaşamak üçin zerur bolan ähli zatlary göni öýüne getirip berýär ekenler.
Poçta işgäri oňa penşenbe güni hat getiripdir. Şonda-da onuň işiginiň çala ýşyrap durandygyny görüpdir. Içerik ýşyklanda ol öý eýesiniň guran gan tegmiliniň üstünde dem-düýtsüz ýatandygyny görüpdir.
Haçan-da polisiýa işgärleri wakaň bolan ýerine gelenlerinden soň, hadysaň bolan ýerine serediş geçirmäge başlapdyrlar.
Öýüň bosagasynda iki çüýşe ýyly süýt, duşenbede çap edilen gazet, ýygyndy, mahabat sahypajyklary we okalmadyk hat-habarlar bar ekeni.
Anyklaýjylar dessine öý eýesiniň bilkastlaýyn öldürilendigi hakyndaky çaklamany öňe sürüpdirler.
Olar bu jenaýaty etmekde kimi güman edýärler we nämüçin?

## 9. Kazyýet seljerişi

Bir erkek kişini aýalyny bilkastlaýyn öldürmekde aýyplapdyrlar. Emma aýalynyň jesedi tapylmandyr.
Kazyýet seljerişiniň dowamynda aklawjy jebir çeken zenanyň öldürilmän, ýitendigini we onuň ýene-de 30 sekuntdan kazyýet mejlisiniň geçirilýän otagyna girjekdigini aýdypdyr.
Onsoň aklawjynyň aýdýan pursatyna garaşyp, aýyplanýan-a kazyýet oturdaşlaryna seredýärmiş, olar bolsa, jebir çeken

diýlip ykrar edilen zenanyň girerine garaşyp, mejlisler otagynyň gapysyna bakýarmyşlar.
Şondan bir minut geçenden soň aklawjy diýýär:
-Eger-de siz aýyplanýanyň öz aýalyny öldürendigine 100 göterim ynanýan bolsadyňyz, onda hiç haçanam irikgä bolup gapa seretmezdiňiz.
Aklawjynyň dilewarlygyna garamazdan kazyýet oturdaşlary aýyplanýany günäli diýip bilmek hakynda werdikt çykarypdyrlar.
Nämüçin?

## 10. Ulagdaky jenaýat

Bir erkek kişini ulagyň içinde atypdyrlar.
Anyklaýyşyň dowamynda onuň eşiginde däri yzlary tapylmandyr.
Bu ýagdaý bolsa jebir çekeni atan jenaýatçynyň şol pursat ulagyň içinde bolmandygyny aňladýar.
Ulagyň bolsa ähli penjirelerem, gapylaram ýapyk ekeni. Ulagyň hiç ýerinde gülle deşikleri ýok ekeni.
Onda, jebir çeken nädip ulagyň içinde atylypdyr?

## 11. Aklanan şärikler

Kazyýet mejlisinde deslapdan dilleşmezden bilkastlaýyn adam öldürilendikleri üçin iki sany adamyň jenaýat işi seljerilipdir. Kazyýet derňewiniň dowamynda döwlet garalawjysy şärikleriň biriniň bilkastlaýyn adam öldürmekde günälidigini, aklawjy bolsa beýlekisiniň günäsiniň ýokdugyny doly subut edipdir.
Kazyýet derňewi tamamlanandan soň, kazy höküm okamazyndan öň öz çykyşynda şeýle diýipdir:
– Öz tejribämde bu iş meniň seljeren iň täsin işlerimiň biri bolup durýar we men şärikleriň biriniň-ä günäsiniň, beýlekisiniňem bigünäliginiň doly subut edilendigine garamazdan olaryň ikisinem erkinlige goýbermäge mejbur bolýaryn.
Bu jenaýat işinde kazynyň sözlerini näme bilen düşündirmek bolar?

## 12. Myhmanhanada

Londonda polisiýa işgäri darajyk köçäň ugrunda ýerleşen, çaklaňja myhmanhanaň deňesinden geçip barýarka, birdenkä açyk penjireden: “Jon, atma!” diýip bir zenanyň naýynjar gygyrýandygyny eşidipdir. Soňam sapançanyň gümpüldisi ýaňlanypdyr. Ol ylgap şol otaga girende, ýerde jesediň ýatandygyny, onuň ýanynda-da professoryň, lukmanyň we myhmanhana işgäriniň durandyklaryny görüpdir. Ýüzüniň ugruna-da myhmanhana işgärini tutup saklapdyr.
Nämüçin?

## 13. Ogurlyk

Ir bilen är-aýal polisiýa jaň edip, agşam ýatyrkalar öýlerine ogry girendigini habar berýärler. Polisiýanyň nobatçy dessin topary wakaň bolan ýerine baryp, ilkinji serediş işlerini geçirýärler we öý eýelerinden düşündiriş alýarlar. Är-aýal agşam ukudakalar öýlerine ogry girip, öýden ençeme gymmatbahaly zatlarynyň gizlinlikde alnyp gidilendigini habar berýärler. Sözleriniň subutnamasy hökmünde penjiräň döwlen aýnasyny görkezip, ogrynyň içerik şondan girendigini aýdýarlar.
Anyklaýjy olaryň görkezmelerini ünsli diňleýär-de, dillenýär:
– Siziň nämüçin muny edýändigiňize men düşünemok. Ýöne, ýörite gulluklaryň görnetin ýalandan çagyrylmagy üçin-ä administratiw jogapkärçiligiň, jenaýat barada görnetin ýalan şugullamak üçinem jenaýat jogapkärçiliginiň bardygyny size resmi duýduryaryn. Hoş, sag boluň!-diýipdir-de, ol wakaň bolan ýerinden gidipdir.
Nämüçin?

## 14. Öz-özüne kast etmekmi ýa-da jenaýat?

Parižiň gyrak-bujagynda jaýda, neşe serişdeleriniň ownuk bikanun söwdasy bilen meşgullanýandygy we özüniňem süpük neşekeşdigi güman edilýän ýaş ýigdiň, otagyň jelediniň tapylandygy hakyndaky habar polisiýa gelip gowşupdyr.

Anyklaýjylar wakaň bolan ýerine baranlarynda, otagyň gapysam, penjirelerem iç ýüzünden gulplydygy anyklanypdyr. Jeset otagyň üçegindäki gaňyrçakdan asylgy ekeni. Jesediň sallanyp duran ýeriniň göni aşagy öl-myžžyk ekeni. Anyklaýjylaň biri, ilkibada adam mehaniki asfiksiýa ýagdaýynda onuň beden agzalarynyň biygtyýar gowşap, onuň organizminiň artykmaç suwuklyklary we nejasaty erksiz bölüp çykarýandygyny ýadyna salypdyr.
Merhumyň asylan ýeri onuň elýeterinden beýikde bolandygy we onuň aýagynyň aşagynda üstüne müner ýaly hiç hili oturgyç beýleki ýokdugy sebäpli, anyklaýjylar bada-bat, bu ýerde öz-özüňe kast etmek däl-de, bilkastlaýyn adam öldürmek wakanyň bolup geçendigi hakyndaky çaklamany (wersiýany) öňe sürüpdirler.
Emma, dessin nobatçy toparynyň agzasy bolan bilermen degişli barlaglardan soň, merhumyň öldürilmändigini we öz janyna kast edendigini çürt-kesik subut edipdir.
Nädip?

## 15. Haçan talamaly?

Talaňçylar toparynyň talamakçy bolýan ymaratynda olaryň meslekdeşi işleýän ekeni. Ol eger-de ymaratda adam-gara galmadyk güni, onuň çyrasyny ýakjakdygyny, şonda-da içerik aralaşyp, jenaýaty amala aşyrmalydyklaryny habar beripdir.
Belleşilen güni talaňçylar ymaratyň penjiresine dikilip, irikgä halda garaşmaga başlapdyrlar. Emma, ymaratyň çyrasy birden-ä ýanýarmyş, birdenem sönýärmiş.
Ýeri, indi, talaňçylar ymarata haçan girmeli?

## 16. Şaýat

Alp daglarynyň golaýynda ýaşaýan bir heleýbaz, aýalyna ikilik edýändigini gizlemek üçin oýnaşyny ýok etmegiň kül-külüne düşýär. Ol oýnaşyny daga seýil etmäge yrýar-da, özleri üçin otla petek alýar. Soňam iki bolup daga gidýärler-de, yzyna dolanyp gelip, ýanyndaky gezelenje bile giden gyzynyň, atdanlykda gaýadan ýykylyp, wepat bolandygy hakynda polisiýa

habar berýär.
Bu waka boýunça anyklaýyş işleriniň dowamynda hilegär heleýbazyň garşysyna şaýat tapylýar-da, onuň öz oýnaşyny bilkastlaýyn öldürendigi subut edilýär.
Kim şol şaýat we nämüçin?

## 17. Howurpeç

Erkek kişi öz öýüniň bosagasyndan ätlän dessine, gündeki edişi ýaly: “Mähribanym, men gelendirin!” diýip batly seslenipdir. Şol pursadam içki otagdan aýalynyň sesi eşidilipdir:
-Ezizim, aşhanada doňuny çözmek üçin howurpeje towuk salypdym. Onuň işlemegini bes ederine näçe wagt galandygyny görsene!
Äri demsalym kürtdüripdir-de, derrewem, öýünden çykyp, gapysyny daşyndan gulplapdyr. Soňam polisiýa jaň etmäge başlapdyr.
Nämüçin?

## 18. Myhmanhanada

Bir zenan myhmanhanada, öz otagynda otyrka gapy kakylýar. Ol baryp gapyny açanda bosagada özüne çalarak tanyş görünýän, geýnüwli, daýaw erkek kişiň durandygyny görýär.
Ol adam:
-Bagyşlaň, men öz otagymdyr öýdüp ýalňyşaýypdyryn!-diýip ötünç soraýar-da, gitmek bilen bolýar.
Zenan eglenmän, myhmanhananaň gorag gullugyna jaň edip, öz dälizinde şübheli erkek kişiň aýlanyp ýörendigini habar berýär.
Nämüçin?

## 19. Garakçylyk

Gündiziň günortany Las-Wegasyň çetki köçeleriniň birindäki kiçeňräk banka ýaragly garakçylar girýär. Olaryň biri dessine aýna germewiň aňyrsynda gözüni petredip oturan kassir gyzyň çat maňlaýyna geçýär-de, tizataryny oňa somlap:
-Bol derrew, kassany aç-da hemme pullary şu sebede dyk!-diýip azm urýar.

Gyz aljyraňňylyk bilen sebede pullary dykalamaga başlaýar.
Şol pille-de gyzyň ýanyndaky telefona jaň gelýär. Ol näme etjegini bilmän aňalanda, garakçy:
– Jaňy al-da hiç zat bolmadyk ýaly gepleşip goý! Eger-de bu ýerde bolýan zatlar hakynda jyňkyňy çykaraýsaň dessine içiňi gülleden doldararyn!-diýip haýbat atýar.
Gyz trubkany göterýär-de, özüne zor salyp, mümkin boldugyndan gürleşmäge başlaýar:
– Alýo? Eje, bu senmi?! Eje, şu wagt meň gyssagly işim bar. Sen maňa hökman öňümizdäki ýekşenbede jaň et! Maňa köýnek tikinmäge seniň ýardamyň gerek!
Kassir gyz trubkany goýandan, kän wagt geçmänkä, bankyň daşyny polisiýaň ýörite topary gabaýar we garakçylary ele salýar.
Polisiýa bankyň talanýandygyny nädip bilipdir?

## 20. Kafede

Müşderi kafe gelip, birje bulgurça çaý sargyt edýär. Oňa çaýyny getirip berýärler. Ol çaýyna gant atynýar-da, çemçejik bilen bulap ugraýar. Şol wagtam onuň bulgurçasyna siňek gaçýar. Ol hyzmatçy gyzy çagyrýar-da, çaýy çalyşmagy haýyş edýär. Onuň haýyşyny berjaý edýärler. Emma ol çaýyny owurtlanda, özüne ýene-de şol siňek gaçan çaýyndan siňegi aýryp getirip berenlerine düşünýär-de, onuň girre gahary gelýär.
Ol bulgurçasyny çalyşmandyklaryny nädip bilipdir?

*Tapmaçalar internetden alnyp, terjime edildi.*
Detektiw proza